# Täze harabalar / «Biz şeýle-dä…»

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze harabalar / "Biz şeýle-dä…" **19. «Biz şeýle-dä»…**

Gijäniň ýaryndan soň obanyň günbatarynda al ýalyn asmana göterildi. Doňuzlaryň çirkin sesini eşiden adama Magtym ýalaňajyň uly ogly Şajanyň doňuz ýatagy ýanýar diýmegiň geregi Ýok, hemmä düşnükli.
Batyr kakasyny agyr ukudan oýardy. Sagat üçe golaýlapdyr. Allaş daş çykdy, çykyp barýarka-da käýindi:
– Beýle-de bir zorluk bolarmy!–diýdi. Göz öňünde sadakada dyzynyp duran Baba nasosçy aýrylanok. Ogluna bu şol adamyň etmişi diýesi geldi, diýmedi. Dogrusy, eýmendi, Baba nasosçydan eýmendi. Sadakada oňa aýdan sözlerini ýatlady. Eýmenç zat göz öňüne geldi: ýaşap oturan tamy al ýalyna gaplanýar. Ini tikenekledi, hüňürdedi.–Olardan gorkmadygyň imany Ýokdur…
– Kimden gorkmadygyň?..
– Ä-ä,.. biz gorkar ýaly iş edemzok-la, men ýöne… gorkan gorksun, arkaýyn gez, arkaýyn ýaşa.
Allaş agzyndan çykan sözleriň ýöwselligini duýýar, duýsa-da diýdi, başga näme diýsin, ogluna Baba nasosçydan gorkmaly diýsinmi?!
– Bar, ýet, Nurberdini turuz, gidiň, seredip durmaň, nepiňiz degsin.
Allaş ýangynyň tutaşan ýerine gitmedi, näme sebäbe gitmänini özem bilenok. Baranyň bilen eliňden geljek zat barmy diýip, gitmänini delillendirse-de boljak, ony-da diýmedi, diýeni bilen ynjalmajagyny bilýär, bilse-de diýmedi. Ondan-mundan eşidilýän adam sesleri il-günüň biperwaý ýatmajagyny äşgär etdi. Biperwaý ýatmasalar gowy-da diýdi, ýatjak, hudaýa şükür, öz ýatagym ýananok diýseler näme diýjek? Ol bu pikirinden kanagat taparyn öýdüp diýenok, özüne ige sürtýär.

Ýatak öwlüýäniň golaýynda, Allaşyň öýünden bir ýarym kilometr daşlykda. Motorly gezensoň onuň ölçemedik aralygy galmandy. Bu ýerden ýalyn görnenok, bulutly asmanyň ýalyndan öwüşgin alýandygy görünýär. Doňuzlaryň sesi kiparlady. Ýatagyň gapysyny açmaga ýetişmedik bolsalar, üçegi aşak çöken jaýyň astynda haýwanlar bişendir. Ýene biraz salymdan oduň alamaty ýitdi, asman öňki garaňkylygyna dolandy.
Gara byrgadyryň ogullarynyň «toý mekany-da» ýary gijeden soň ýanypdy. Kimiň otlandygy ynyklanman galdy. Her kim şübhesini içine saldy, dymanlaryny amatly gördüler. Doňuz ýatak babatda-da şeýle bolar, boljagyny Allaş öz mysalynda aýdyp biljek. Sadakada Baba nasosçynyň bolşuny gözi bilen gördi, aýdanlaryny gulagy bilen eşitdi. Bar, ýet, ýataga ot berip gaýdan Baba nasosçy öýüne dolanyp, entek Ýorgana girmäge-de ýetişen däldir, ýet, ýakasyndan tut, sen otladyň diý!.. Allaş ýaýdandy: özi etmän başgalara buýran bolsa näme? Kime buýurjagynam bilip dursuň-a… Äý, gözüň bilen görmeseň kyn-da…
Daňdan bulut syryldy. Gyzaryp dogan Gün siz henizem dargaňzokmy diýen gahar bilen etekde galan iki-eke topbak buluda şöhlesini tutdy, olaram pytramak bilen boldular.
Doňuz ýataga motorly gitdi. Obanyň daşyndan geçýän aýlaw Ýola düşüp, öwlüýä bilen aralakdaky zeýkeşiň köpürsinden geçdi, ýataga ýöneldi. Ýetmänkä jaýyň şipr bilen basyrlan üçeginiň Ýokdugyny gördi, ýanypdyr. Ýas ýerine barýan adamyň gussasyna maýyl boldy. Merhumyň tukatlyga gaplanan öýüne, hossarlaryna aýdylýan gep bar: yzy ýarasyn, imany hemra bolsun diýilýär. Ýeri, Allaş Şajanyň ýanyna barany bilen näme diýsin? Loňuz adam däl, haýwan, haýwanyňam halaly däl, haramy. «Şeýle bolaýdymy» diýmeli bolar. Janagyrly Şajan: şeýle bolanyny gözüň bilen görüp dursuň-a, ýaşuly, soran bolmak nämä gerek diýse, jogap tapjakmy?.. Gaýdanyna ökündi, yza dönmegi uslyp bilmedi.
Allaş bu doňuz ýataga belet, haçan gurlanyny bilýär. Hruşewiň döwründe doňuz bilen mekgejöweni öwüp, arşa çykarypdylar. Bagşylar «ös, mekgejöwenim!» diýip, aýdyma gygyrypdylar, doňuza «sekizinji hazyna» diýdiler. Kolhozlar mas toprakly kartalara mekgejöwer ekipdiler, dokuz saklamaly diýip,

Ýokardan gelen buýrukdan soň ýataklar salnypdy. Doňuza seretmäge obadan adam tapylmady, şäherli oruslary çagyrypdylar. Doňuz obada soýulman, diriligine et kombinatyna tabşyrylýardy. Türkmenler, aýallar däl, erkekler, git-gide doňuz etine öwrenişdiler, arak içýänler onuň çişliginiň tagamyny aldylar, tutuşlygyna oda tutup bişirlen jojugy iýenleriň öwnüp oturan halatyna gabat gelse bolýardy. Allaşyň özem iýenleriň biri, ýöne öwneni ýadyna düşenok. Doňuzyň çişligini goýnuň, sygyr etiniň çişligine deňär ýaly däl, ýumşak, has tagamly. Doňuzyň idisi ýeňil diýilse-de, eti gymmatdy. Soň-soňlar türkmenlerem doňuz bakyp başladylar, bu ýerde eklençden, peýdadan başga sebäp gözläp ýörmeli däl. Şäheriň restoranlarynda, kafelerinde henizem doňuz etine isleg Ýokary, Ýogsa, SSSR dargandan soň rus dilli halklar ýurtdan gitme bilen boldular. Musulman däller azalsa-da, doňuzyň çişligine hyrydar azalanok. Şolaryň köpüsi türkmenler. Arak içilýän ýerde doňuz çişliginiň gereklenjegine ynanaýmaly.
Kolhozyň saldyran üç doňuz ýatagyndan biri galypdy, ynha, onam otladylar. Tüssä, ýalyna garalan dört diwardan gaýry abat galan zat Ýok. Ýük maşyn sygýan agaç gapy tutuş ýanypdyr, üçek aşak ýumrulyp, ýanyp kül bolupdyr, häzirem tütäp ýatan agaç bölekleri bar. Ýalyna gaplanyp bişen etiň tagamly ysy burnuňa urýar. Ýanan üç doňuzyň läşi ýatyr, biri has uly, ýapy ýaly, ýa-ha gyzgyna bişipdir, ýa-da bogaz bolmaly. Beýleki iki doňuz orta agramda, ýetmiş-segsen kilo çykar. Allaş ünsüni jemläp hasap etdi. Iki doňuzyň jylka eti ýüz kilodan geçer diýeli, onam ýigrimi bäş manada köpelt, diňe şolam Allaşyň dört pensiýasyndan artyk bolýar, eý-hoo!.. Allaş ýanyp-bişip, gulaklary gowka dönen doňuzlara derek oda ýanan manatlaryň külüni göz öňüne getirdi. Ýene bir ahwalat göz öňüne geldi. Ondan bäri niçema ýyllar geçdi, otuz-kyrk ýyl-a geçendir. Şüdügär sürüm geçirilýän ýerden oba pyýadalap gaýdypdy. Ýandakly depä ýetende porsy ys burnuna urdy. Seretse, çarkandaklygyň içinde doňuzyň maslygy ýatyr, gany ýaryk, iç goşundan zat galmandyr. Garnyň hoňkaryp galan ýerinde towuk dur, bir zatlar çokýar. Doňuzlara seredýän orsuň towugy bolmaly. Doňuzyň zyňylanyny özüçe çaklapdy, haram ölendir,

hasapdan çykarmaly adamlap görüp, akt ýazylýança maslygy gömüp bilmezler diýipdi. Ýüregi bulanypdy. Doňuz jähennem-le, onsuzam doňuza porsy haýwan diýilýär, gep towukda. Soň towuk etini iýip bilmän gezdi, hyýal eden mahaly porsap ýatan maslyk göz öňüne gelýärdi, işdäsi tutulýardy. Hernä, wagt köp bişeýkelligi düzedýär, ýene towuk etine öwrenişdi gitdi, doňuzyň çişliginem iýdi.

Gapdalda borty beýik ýük maşyny dur, diri mal galapyn şu maşynda daşalýar. Ýatakdan elli-altmyş ädim aralykda tagta kakylyp ýasalan agyla gabalan doňuzlary gördi. Begendi. Hernä, mallaryň hemmesi ölmändir diýip, begeneniňi duýdurmalymy? Käşgä, oturanlar seniň begenjiňe mätäç bolsalar…

Şajan, iki ogly, Magtym ýalaňajyň ussa ogly, onuň bilen işleýän üç adam, ýene iki nätanyş oduň töweregine aýlanyp, çaý-nan iýip otyrlar. Gep-gürrüň edilýäne meňzänok, ýas ýeriniň tukatlygyny ýatladýan ümsümligi duýsa bolýar. Bolan ahwalat görer göze aýdyň, sowal berip durmak artykmaç. Oturanlaryň gijeden bäri şu ýerdedigini el-ýüzlerindäki, geýimlerindäki gara çyrşagyň yzy aýdyp dur. Doňuzly agylyň iki ädim bäri ýanynda kellesi gazan ýaly alabaý ýatyr.

Oturanlar salam berip, aýak üstüne galdylar.

– Aleýkim salam, oglanlar, oturyň, oturyň…

Allaşyň özi oturmady, adamlar ýene çaý-nan bilen boldular. Şajan Allaşy ugratmagyň aladasy bilen gapdala ýöneldi. Sensizem aladamyz ýetik, güýmäp durma-da gaýdyber diýen manyda sägindi.

– Otladylar–diýdi.–Eňsedäki äpişgäň öňünde aýak yzlary galypdyr, iki adam, ýatagyň içine otly kesindi zyňypdyrlar. Äpişge el ýeterden Ýokarda, ýapamzok. Ot zyňan ýerlerine saman, bede basylgydy. Belet adamlaryň eden işi.

– It duýan däldir-dä, Ýogsa, golaýa goýbermeli däl ýaly.

– It bäri tarapda, olar ýeňseden gelen. Itden gorkjak adamlar däl olar. Duýan bolsa, itdenem dynardym, atardylar.

– Kakaň gördümi, näme diýdi?

– Kakam geplemän otursa gowy, diýeninden peýda Ýok, diňe zyýan bar. Ýagmyr molla bilen ekjeşme diýdim, asyl bara, sen goşulma diýdim, süýegiňi süre-de geziber diýdim. Kakam gulak asjak

adammy, ýekegapan ýaly eňen ugury. Arkaýyn bol, indi molla golaýyňa gelmez diýdi, ynanaýdym-da. Nähili gürrüň boldy diýibem soramadym, özem aýtmady. Ataly başlyk bilen gürleşendir öýtdüm. Başlyk duýdursa, mollaň jyňky çykjakmy! Başlyk duýdursa, beýle gabahat iş boljakmy!? Ynanmaly däl ekenim, asyl bara, başda satyp Ýok etmelidim, ýigrimi bäş doňuzy galdyraýdym-da. Üçüsi ýandy.

Allaş haraba öwrülen jaýa garap dymdy. Şeýdip, haraba köpeler gider oturar diýip, Magtym ýalaňajyň aýdany hakydasyna geldi.

– Kakaň bu döwre düşünýän adam, duýmaly ýaly.

– Wah, kakam nähili zamanda ýaşaýanyny bilenok-da, aýtsaňam gulak asanok. Taryhda ýazylypdyr diýip, ýadyňa-oýuňa gelmejek zatlar aýdýar. Doňuz gadym zamanda mukaddes haýwan saýylypdyr diýýä–Şajan ajy güldi.–Heý, gülmezmiň!.. Eýran şalary diýýä, Müsüriň hudaýlary diýýä… Eýrandaky mollalaň ýanynda diý şony!.. şo bada janyň jähennemdedir. Kaka, seň diýýän şalaňdan, hudaýlaňdan bu gün moddalar Ýokarda diýýän, sen başgarak delil tap diýýän. Bärde türkler oruslardan öňe düşdi, türklerden delil tapsaň gulak gabardarlar diýdim. Türkler adam çagasyna jojuk diýýäler, bizem doňuzyň çagasyna jojuk diýýäs. Bu nähili bolýa diý, doňuz haram bolsa, türkler çagasyna jojuk diýmezdi diý. Men öz düşünişime görä aýdýan, kakam diýermi, diýmezmi, bilemok. Köp ýyl doňuz idetdim, doňuza belet men. Nähili hapa diýsinler, doňuz iým iýip duran ýerine siýip, syçanok. Iki sany belli keseli bar, wagtynda sanjym etseň, olaram howply däl. Idetmesi aňsat, iým dannanok, girdejisi ganymat. Onda-da näme, söweş gurup saklap biljek däl, günde ýagy döküljek ýaly, ahyram şü-dä!.. Ana, şo tam Nazaryň tamy, bilýänsiň, hernä, Nazar görüpdir, öe til etdi, ýetişip gapyny açmadyk bolsa, bary ýanjak ekeni. Alyjy bar, maşyna ýüklejek, dynjak. Alaçsyzlagana kakamam ynanadyr indi, gördi, gözi bilen görüp gitdi.–Şajan birdenkä janagyrly gygyrdy.–Arzyňy kime ýetirjek, kim diňlejek?!

Allaş diýere söz tapmady. Magtym ýalaňajy görmese, ynjalmajagyny bildi, görende-de ynjaljagyna ynamy Ýok. Dogrusy, ýaýdandy, ýaýdansa-da barmalydy, adam dümewlese-de soramaga barylýar-a, salamlaşda gaýdyber diýdi. Başa düşen

bela dümewden çökder, göwünlik ber. Seniň sözüňe Magtym ýalaňaç diýilýän adam mätäçmi? Mätäç bolmasa-da bar…
Magtym ýalaňaç hata güýmenip oturan ekeni. Allaşa höwessiz garady, bimahal geldiň diýen manyny aňdyrdy. Ruçkasynam goýmady, depderinem ýapmady, saglyk-amanlygam soraşmady.
– Gördüňmi?–diýdi. Allaş düşündi.
– Gördüm.
– Ýene bir haraba köpeldi diýensiň.
– Diýdim.
– Oda bişen doňuzlaram gördüňmi?
– Doňuzlaram gördüm.
– Maňa duýgudaşlyk bildirmäge gelensiň, köşeşdireýin diýensiň?
– Bildiňiz, Ýoldaş mollum. Hernä, köpüsi diri galypdyr, begendim.
– Oda men ýanan bolsam, şonda-da diýjek sözüňi bilýän: häý, bendäň kysmaty ýaman ekeni diýerdiň.
– Diýmeli bolmanyna şükür.
– Ýagmyr molla begenerdi, häzir gynanyp oturandyr, Magtym ýalaňaç doňuzlar bilen bile ýanmalydy diýýändir.
– Ýagmyr molladan habarym Ýok, Ýoldaş mollum.
– Bilýän. Habaryň bolmalam däl, hökmanam däl. Indi sen beýemçi däl-ä, beýemçilige ýaramadyň, ýarajak adam tapdy, Baba nasosçyny tapdy. Mollanyň göwnündäkini aňmak bir zat, amal etmek başga zat. Sen amal etmegi oňarmadyň, oňarjaga garaşdy, oňarjak tapyldy. Seniň bahaň ikilik!–Magtym ýalaňaç bokurdagyny hykyrdadyp güldi, depdere 2-lik belgini ýazdy.–Menem saňa 2-lik goýýan–Depdere ýene bir 2-lik goýdy–Täze harabany göreňde gaharyň gelenini bilýän. Baba nasosçynyň ýakasyndan tutup: otlan sen! diýesiň gelendir. Giden dälsiň, giden bolsaň diýerdiň. Ýagmyr mollanyň ýanyna baryp: Baba nasosçyny sen küşgürdiň diýesiň gelendir, giden dälsiň. Oňa derek gowy görýän sözüňi aýdyp oňansyň: äý, biz şeýle-dä diýensiň. Diýýän diňe sen däl, oba şeý diýýändir… Ýaňy bir pikir kelläme geldi, şony depdere ýazamda sen geldiň, şony saňa aýdaýyn-da, bir adam eşitse gowy-da… Diniň berjaý edilmeli düzgünleri bar, diniň däp-dessury diýsem gowy düşünersiň. Şolary berjaý etmek bisowat adamlaryň, gödegräk

aýtsam, din uguryndan şermende adamlaryň ygtyýaryna berlende, din mukaddesligini ýitirýär… Düşünen dälsiň.
– Aňjak bolýan, Ýoldaş mollum.
– Geç bärik, otur şu ýerde.–Taburetkany görkezdi, stoluň çüňkünde duran galyň bulgura termosdan guýdy. Demini alan gara çaý penjireden düşýän gün şöhlesinden ýalkym aldy.– Çaýdyr öýdensiň, çaý däl, termosa demlenen ýandak guýdum. Çaýdan on esse peýdaly. Bizde ýaramaz endik bar: suwsaýarmyň, suwsamaýarmyň, parhy Ýok, çaý içmeli. Men ýandak içýän, ýandagyň gülüni, pürüni demläp, çaý deregine içýän. Içiňe peýda, dişiňe peýda, kelläňe peýda, saçyňy berkedýär.
– Äý, biz epdekden alyp, zäher ýaly ajy derman içenimiiz gowy görýäs-dä.
Allaş bulgurdan bir owurt içdi.
– Nähili? Tagamy ýumşakdyr.
– Ganymat.
– Ganymat diýersiň, ýöne içmersiň.
Magtym ýalaňaç dymdy, aýdara söz tapman dymandyr öýtme, bu adamyň aýdara pikiri, sözi gutarmaz. Häzir göwnündäkini aýdyp, ýüregini boşatsa, oňa amatly bolar. Onuň ýagdaýyna Allaş düşünip otyr. Ýatakdan gaýdyp, köne-küşül geýimlerini-de çykarmandyr, ýüzünde reňk, gözlerinde nur Ýok. Sözüni aýdara adam tapmasa, gahar-gazabyny ak kagyza ýazar, kütüw bolup, ýüregine çökmezliginiň alajyny eder. Allaş: men wagtynda geläýipdirin diýdi, goý, diýsin, göwün solpudan çyksyn, çökder diýse-de çydap oturmaly bolar.
– Sen anjaýyn pensiýa alýanyňa buýsanyp ýören adam.
– Buýsanýan, Ýoldaş mollum, halal zähmetim bilen gazandym.
– Türkmenbaşy ölmedik bolsa, pensiýany ýatyrjakdy. Garran adamlara döwlet seretmeli däl, ogullary, hossarlary seretmeli diýdi, ýadyňdamy?
– Ýadymda.
– Pensiýa diýen düzgün ata-babalarymyzyň däbine ters gelýär diýdi.
– Diýdi, telewizordan diýdi, gulagym bilen eşitdim.
– Diýenini gögertjegine-de ynanýarmydyň?
– Ederdi, ölmedik bolsa, ederdi.

— Sen näme diýerdiň?
— Menmi?..—Allaş oýkanjyrady.—Menden soramazdylaram.
— Ynha, soradylar diýeli. Pensiýany men halal zähmetim bilen gazandym, hany, sen bermän bir gör! diýermidiň?
Allaş ýöwsel güldi.
— Ýak, Ýoldaş mollum, sizem-ä,.. ýurduň hojaýynyna beý diýip bolmaz-a.
— Ine, gördüňmi!.. biz şeýle-dä!.. Bize gul bolup ýaşamak aňsat. Sen gul, sen öz aladaňy etme, seniň aladaňy, goý, hojaýynyň etsin. Biz onuň et diýenini ederis, iý diýenini iýeris, geý diýenini geýeris. Şeýle bolmasady, ähli kişi bir meňzeş eşik geýmezdi, bir meňzeş jaýda ýaşamazdy, bir meňzeş aýdym aýtmazdy, bir meňzeş sözde geplemezdi. Aç galan ýeriňde it ýaly çyňsa! Dürli-dümen iýmek gullara düşen paý däl, sen ölmez-ödi tapýanyňa şükür et, nätjek, biz şeýle-dä, ho-hoh… Ýük maşyn çagyrdym diýdi, gelipmi?
— Gelipdir.
— Şajan maňa goşulma diýýär. Halalmy, harammy—gep doňuzda däl, gep emläkde. Zora ýanap, emläkden mahrum edýärler, sen tüwmaýak goýýarlar, emeldarlaryň ygtyýaryndaky batraga öwürýärler, mertebäňi kemsidýärler, men çydamok!.. Ýene guýaýynmy?
— Ýok, içdim, boldy.
— Içen bolsaň, gaýdyber, duýgudaşdyk edeniňe minnetdar.
Allaş şarpyk urlan ýaly agyr duýgy bilen gaýtdy, Ýol boýy oýlandy, pikir öwürdi: äý, biz şeýle-dä diýdi.
Magtym ýalaňaç ýazgysyny dowam ederin öýtdi, başarmady. Allaşyň gelen pursatynda pikiriniň nämede saklanany ýadyna düşmedi, käýindi, Allaşa käýindi: iş bitiren kişi bolup gidendir diýdi. Depdere ýazan setirlerini okady, gahary geldi, sahypany depderden ýyrtyp aldy, düýrläp, owmaçlap, bosaga tarap zyňdy.
— Magtym mugallym, sen akmak, akmagyň akmagy!—Gaharynyň soňy gülkä ýazdy.—Allaş görgülini okadan bolşuna, akylly sözler aýdýandyryn öýdüp, gabarylyşyna güldi.—Sen öz ejizligiňi görkezdiň, Magtym ýalaňaç, kişä igenmek batyrlyk däl, ejizlik, boýnuňa al!..

Ataly başlyga haty başgaça ýazmaly diýdi, ýöne hat ýazyp, oňa adalatsyzlygy düşündirerin öýdüp, zehiniňi ýakma, ol seniň akylyňa mätäç däl, ol saňa belet, ol özüne belet däl, özüniň kimdigini bilenok, sen başarsaň şony aýt…
Ataly altmyş ýaş ýubileýini dabaraly bellejekmiş diýen gep-gürrüň gulagyna degýär, merkezden dabaraçy çagyrypdyr diýýärler. Gyzykly hyýal kellesine geldi, höwesi artdy. Ýubileý tostuny ýazmaly diýdi.

Dowamy bar >> Romanlar